# Dagdaky külbe / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dagdaky külbe / hekaýa DAGDAKY KÜLBE



Öýümiziň aňyrsy – petik dag, onuň çürbaşynda-da – agaçlak külbe.
Meniň stolumda bolsa – çeker. Her gün men onuň içini tertibe salýan. Eger-de alysdaky uwwulda diň salyp, ellerimem dyzymda ýerleşdirip, kürsüde oturmaýan bolsam. Bu, möjekler bilen jülge, külbäniň üçeginden arça tagtadan örtügini sypyrýan, gaharjaň demirgazyk ýeline uwlaşyp berýärler.
-Ýeri, çyndanam, sen näme beýle başagaý?-diýip ýasama ýylgyryşjyk bilen ejem maňa ýüzlenýär:-Näme, heý, haçanam bolsa bir wagt çekerlerde tertip bolupdyrmy diýsene?
-Bu seň gözüňe görünýär!-diýip men, gödek gep oklaýan:-Gijelerine, Aý barka, biziň jaýymyza ogrular bukdaklap ýakynlaşýarlar, tüme-tümlük. Penjirelerde-de barmaklary bilen deşik deşýärler, çyrany ýak – görersiň. Siz-ä kakam bilen öz otagyňyzda şeýlebir hor çekýäňiz welin, tekjelerdäki çüýşe-püýşeler ala-şakyrdy. Meniň bolsa kelläm çişýär, diňe ýorgança basyrynyp başymy gutaraýýan. Ýöne, barybir belentlikdäki tyrkyldyny eşidýän – şol külbede adam bentlenip goýlan. Her günem sähere çenli ol, mahluklarça, gapyda deprek kakýar.
-Senden ýaňa rahatlyk ýok,-diýip ejem, işige tesip barşyna dowam edýär. Özem ýüzüniň ýarysy bilen meni yzarlaýar. Ýüzüniň eti nähili gülkünç sandyraýar! Bir gezek men, ahyrsoňy dagda näme bardygyny aňtap görmegiň kül-külüne düşdüm. Ýeliň bady gaýdyşansoň dyrmaşmaga başladym, süýşýän, süýşýän, Gün bolsa ýakyp gelýär, ak daşjagazlaram lowurdap gözüňi gapýar welin, gözüň öňünde kebelekler gaýmalaýar, başyňam aýlanýar. Şeýlebir ýadadym, hatda üsgüribem ugradym. Maňlaýymda der, gaşym üste

syrygýar, gözlerimi, duzly, gark edip gelýär, o ýerde hiç zady görmedimem, eşitmedimem. Dolananymdan soň, işigiň öňünde durup, aýnadaky özüme bakdym – sypatyňy bir diý-ä, köwşüň tot-tozan, gözüň aşagynda göm-gök halka.

-O nähilidir bir beýl-ä däl…-diýip, men eşitmeýändir öýdýän öýdäkiler garaňky künjeklerde ýyrşaryşýardylar. Meniň gözlerim otagyň alagaraňkylygyna öwrenişýänçä-de şol bir gülümsireşmekleri bilen zym-zyýat bolýardylar. Görlüp oturylsa, olar mensiz bärde tekjelerde dörjenýärler, olaryň içini çöwürýärler, hanha, öli kebelekler ýerde çaşyp ýatyr, teneçirlerem. Ýogsa meniň bu zatlaryň üstünde sadylladygymy bilýärlerem-ä.

Nazary bilen içimi deşäýjek bolup, kiçi uýam düşündirdi: “Olar saňa tekjeleriň ýygnamaga kömek etmek isleýärler”. Şol birwagtda-da onuň çep gözi ýaşyl öwüsýär. Pikir edýän, ony biraz gorkuzmak gerek: “Uwwuldyny eşitdiňmi? Garaňky gatlyşdygy jaýy möjekler gabap, hemme yşlara temegini sokup görýärler. Sen uklap ýatyrsyň, ýöne eşidýäň, onsoň ökjäňde sowuk der peýda bolýar. Biziň bärde hemme kişiň söbügi derleýär. Hanha, seret, ýorgançalar nähili myžžyk, düşündiňmi?”.

Kalbymda bulançaklyk, ojuk-bujuk näme-de bolsa bir zady barybir çilipdirler. Ejem hiç zat bilmediksirän bolýar, ýöne gözjagazlaryny welin, galdyryp bilenok. Ýöne, öwrüldigim, mährewsiz bakyşy gerşim bilen duýýan. Ýeňsäme nazar dikýär welin – dessine hamym doňýar-da, çişip ugraýar. Men bilýän, şol pille olar meniň küşdümi, tamyň arkasyndaky guýunyň ýanynda gömýärler, gije men giderin-de, gazyp alaryn, olar bolsa soň ýene-de bukarlar. Haçan-da gazanymda bolsa, olar çyrany ýakyp, penjireden yşyklaýarlar. Gaharlanmak – peýdasyz.

Günorta naharynyň başynda olara habar berýän: “Dagda bolsa külbe bar”. Çorba burunlaryny sokaýjak bolşup, eşitmedilerem.

Nahar taýajyklaryny gyra goýýan-da, sesli diýýän: “Ýeliň bolaýşyny, alakalar pelesaň kakýar. Dagdan daş uçup, diwarda deprek çalýar, serediň-ä, wehimden ýaňa siziň ökjäňiz derleýär. Size iň bolmanda şu bir aýanmy? Serediň ahyry öz ýorgançalaryňyza – düşünersiňiz. Howluda ýüp baryny asypsyňyz, her ertirem – serýäňiz”.

Kakamyň derhal nazarynda nähilidir tanyş bir zat bar. Möjegiňki ýaly. Hemme zat aýdyň. Ol – böri, gijelerine öz ordasy bilen tamyň daşynda kaňkaýar-da, eýmenç uwlaýar.

-O taýda hemme zat gözüňi gapyp gelýän, galdyrap duran,-ejemiň egninden ýapyşýan:-seredere hal ýok, gözüň ýaşarýar. Göwnüňe bolmasa-da hiç zat ýok ýaly. A dolanamsoň, öz kürsüme geçdimde ellerimi dyzymda ornaşdyrdym welin, birdenkä göräýdim, dup-durudan dup-dury, arça tagtasyndan üçegi. Ýakynjakdanam ýakynjak, sizem, megerem görensiňiz-le, çypbakaý-çyndanam biziň öýümizden saýgarmazlyk mümkin däl-ä. Bilýäňizmi, o ýerde adam bentlenen, arly gije şöwür çekýär, gözüniň aşagynda bolsa – mähnet gök halkalar.
-Ýeri, guýyň ýanyndaky bu alabeder daşlar nämäňe derkar, biz ejeň bilen her gezek näme pikir etjegimizem bilemzok, her sapar seniň ýene dörünjiräp başlanyňy çala eşitdigimiz galpyldap başlaýarys, ýatyşsekiden aýakýalaň atylyp turýas-da, öýüň içinde ters aýlanyp ugraýas. – Kakam, nazarymdan nazaryny gaçyryp tersine dönýär. Penjiräň aýnasyny bolsa siňekler pohlan. – Birmahal men bu guýyň teýine pyçak gaçyrdym. Düýşümde aklym ýetýär: mümkin ony çykaryp almak gerekdir. Emma oýanýanam welin, seniň ejeň meni beýle zadyň bolmandygyna, meniň hiç hili pyçagy gaçyrmandygyma, bu zatlaryň gözüme görnendigine meni ynandyrmaga başlaýar. Men ylalaşýan, gije bolsa – ýene-de şol bir düýş. Ýatyryn, iňkisde, her niçigem bolsa pyçak teýde poslaýar, a men bolsa onuň yzyndan girmeýärin… Bu meni ýaman uzak kösedi, sered-ä alnymda nähili gasynlar döredi. Onsoň, ahyry bir sapar men guýa ýöneldim, seresaplyk bilen setili aşak inderýän, ýüp agyr, öl bolansoň tyrpagan, barmaklam ýazyldy-da, bedre-de, alaga-da eňaşak gaýtdy. Men ümdüzime öýe tutdurdym, aýna baksam – eýýäm ýarym çal, ine şu ýerde, çepimde.
Men başymy egnime ýygyrýan, ýüzümde bolsa mämişidir gök tegmiller ýaýraýar: “Janalgyç demirgazyk ýeli. Aşgazanam başbitin doňan. Onda buzjagazlar, kürsüde oturanymda şyňňyrdaşýarlar”.
Tekjäni ýygnaşdyrmagyň möwriti birmahal ýetdi, arman, ejem öz tümlüginden garawullaýar. Gezýär, gezýär öz otagynda, tapyrdaýar, tapyrdaýar diwaryň aňyrsynda ädimleri, onsoň meniňem pikirlerim bulam-bujar bolýar. Ünsümi sowmak üçin kart dessesini alýan-da, birin-birin sanaýan: “Bir, iki, üç, dört, bäş…”. Ädimler kesilýär, işikden ejemiň gara-ýaşyl tumşujagy somalýar-da, haşşyldaýar: “Gara basdy, bütin gerşim myžžyk”. “Ökjeleňňem” diýip men üstüne goşýan: “hemme kişiňem söbügi derleýär. Düýnem ýorgançalaryňyzy guratdyňyz ahyry. Adaty

zat”. Uýajygym pessaýja ýetirýär: “Ejem aýdýar, öz tekjesi bilen jygyldamaz ýaly onuň goluny çapaýsadyň, çekýär, itýär, çydar dagy eder ýaly däl, kelle sämäp dur, edil buz suwa sokulan dek. Şeýdip sowuklamagam daşda däl”.
Uýajygym gözüni gyrpman seredýär welin, meniň boýnuma gyzylymtyk örgün örýär.
-Geňem galamok. Kakam bilenem hut şeýle bolupdy, onuň pyçagy bilen bagly waka ýadyňdamy, çakym çak bolsa, ýigrimi ýyl dagy mundan ozalkydyr-la? Hemme zadyň köki bar, gadymdan.
Men tekjäni ýagladym, ýeňiljekden eýläk-beýläk süýşürip gördüm – hiç hili jygyldy ýok. Şeýle synaglaryň birki güni, onsoň diwaryň aňyrsyndaky aýak sesleri tepbet boldy, ejem hilä aldandy. Şeýdip islendik kişiň jürüni dikmek mümkin, hatyrjem bolmaly. Hoşallykdan ýaňa demim tutuldy, daňa çen güýmendim, tekje birmahaldan bäri serenjam berilmegini talap edýärdi, birdenem çyra öçdi welin, ejem diwaryň aňyrsynda ýylgyrdy. “Seniň yşygyň meni ýatmaga goýmaýardy, çekgelemde larsyldy. Ine seret”. Çekgede hakykatdanam, togalajyk gurçuk larsyldaýardy. “Çekinýän, azganlylyk bolaýmasyn. Elmydama nämede bolsa bir zat biynjalyk edýär, ýa bärim, ýa aňrym, sen muňa düşünmersiň. Kakaň-a muňa dözem gelmezdi, özüne kast ederdi”.
Ol meniň gerdenime dolmuş elini goýdy. Buz ýaly sowuk, birneme eräbem ugrapdyr.
Guýyň ýanynda bolsa bir zad-a bolup geçipdir. Uzak gije kimdir biri setili düşürip-galdyryp geçdi, olam ala-takyrdy bilen guýyň gyralaryna uruldy. Diňe daňdan ol gaçyp gitdi. Men goňşy otagyň işigini yşyratdym – kakam ýatyş sekiniň gyrasyna pugta ýapyşypdyr, ellerinde göm-gök damarlar çykyn-çykyn, ol düýşünde nämedir bir zat görýär, çygnybam iňleýär. Ejem, saçlary hüwjük, ýerde sübsesini kelemenledýär. Ertiriň öňüsyrasy, diýýär ol maňa, penjireden tomzaklar kürsäp girdiler, diwary süsübem, aşak döküldiler. Olam süpürmek üçin turupdyr, şypbygyny sokupdyr welin, o ýerde-de tomzak, aýagyndan dişläpdir, hanha, gör neneňsi çişipdir, edil goladan guýlan ýaly agyr.
-Ol bolsa,-diýip ejem uklap ýatan kakama barmagyny çommaltdy:-düýşünde öz-özüni dişleýär.
-Dagdaky adamam iňleýär. Ýabany üzümiň ýapraklaram bize tarap gijelerine gaýyşyp gelýärler.
-Sen näme bolanyna düşündiňmi? – Ejem egildi welin,

alagaraňkylykda meniň gözüme görnen ýaly boldy – onuň gulaklary çürelip, ýere kök urýar. – Bu odur-budurlar diwara şeýlebir şarpyldady welin, huşundan gidäýdiler. Ertire ýakyn otaga urdurylyp girdiler.
A men bolsa hakykatdan şonda daga dyrmaşypdym, şu günki ýaly ýadymda. Birsellem kürsüde oturypdym, elim dyzymda, soňam gapyny açyp, göz gamaşdyryjy ak ýagta çykdym. Ýokaryk dyrmaşyp barýan, gözümiň öňünde bolsa ak daşlar lowlaýar. Hiç hili üzümçiliklerem ýok, hiç hili külbe-de…
© *Sýue Tsan*



***Sýue Tsan*** *– Den Sýahua atly, 1953-nji ýylda doglan hytaý ýazyjy hanymynyň edebi lakamy (tahallusy). Ol 1969-njy ýylda başlangyç mekdebi tamamlap, kärhana işe girmäge mejbur bolupdyr. Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ortalarynda ol özüniň eserlerini "Ženmin wensýue", "Çžungo", "Çžunşan" atly hytaý žurnallarynda çap etdirip ugrapdyr. Onuň "Dagdaky külbe" atly hekaýasam, Sýue Tsanyň beýleki hekaýalary ýaly edebiýat jemgyýetçiliginde ýiti çekişmäni döreden eserdir. Ýazyjy hanymyň nowatorçylyk kyssasy hytaý edebiýaty üçin dessurlaýyn-endikli bolmandygy sebäpli, ol uzak ýyllaryň dowamynda resmi edebiýat wekilleri tarapyndan "hytaý ynkylap edebiýatynyň" hatarynda hasaplanmaga mynasyp däl diýlip hasap edilip gelipdir. Ýöne, resmi hytaý edebiýatynyň wekillerinden tapawutlykda, Günbatarda, ýazyjy hanymyň kyssasyna mahsus esasy alamat hökmünde – onuň öz eserlerinde ynsan ruhunyň iň jümmüşindäki pynhan duýgularyny, pikirlerini güberçekledip beýan edýändigini, beýan etmäge dyrjaşýandygyny ykrar edýärler. Hytaý ýazyjysy Wan Men bolsa, Sýue Tsanyň kyssasyny häsiýetlendirende, onuň prozasyny akupunktura (iňňe bilen bejeriş usulyna) deňäp, şeýle belleýär: "onuň akupunkturasy bada-bat gerekli yza nokadyny tapýar". Ýazyjy hanymyň kyssa ýygyndylary hytaý dilinde Taýwanda we iňlis diline terjime edilip ABŞ-da neşir edilipdir. 2023-nji ýylda bolsa Sýue*

*Tsanyň ady, Ýer ýüzünden edebiýat boýunça Nobel baýragyna hödürlenen ýazyjylaryň sanawynda ilkinji orunlarda durupdyr.*
Hekaýalar